# Çensiz öwgi

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Çensiz öwgi ÇENSIZ ÖWGI




1969-njy ýylyñ 31-nji ýanwary.
Germaniýada «68-nji ýyl nesiliniñ» ýokary okuw jaýlarynyñ demonstrasiýalarynyñ dowam edýän wagty.
Filosof Adornonyñ protestleri tankyt editing gahary gelen rewolýusioner talyplar ony elitist saýyp, guran Jemgyýetçilik ylmy-barlaglar instituty – Frankfurt mekdebine döküldi. Özem bu mekdep marksizme täzeçe düşündirişleri berýän we onuñ tankydy teoriýalaryny öwrenýän sosial ylym ojagydy…
Çepçi talyplar demonstrasiýalarynyñ dogrudygyna ýürekden ynanýandyklary üçin tankyda takat edenokdylar:
Adorno şeýle diýýär:
«- Nirde bolanymyzda-da ahmal galmaly däl borjumyz şu: Başgalaryñ häkimiýetiniñ-de, öz häkimiýetsizligimiziñ-de bizi akmaklaşdyrmagyna ýol bermezlik!»
Yzyndan şeýle diýýär:
«- Ýalñyş ömürde dogry ömür ýok.
Pikirlenip bilýän adam agressiw bolmaýar».
Eýse… düýnden şu güne geler bolsak.
Federatiw Germaniýadan Türkiýä dolanyp gelsek…




* * *

Türk syýasy durmuşy tankydy sürgüne ýollady!

Syýasatçylaryñ köpüsi oñaýsyz ugurlarynyñ, ýalñyş taraplarynyñ tankyt edilmegini diñläsi, eşdesi gelenok. Ýogsam bolmasa:

Syýasy tankyt çözgüde goldanýar, meselem onuñ demokratiýanyñ ösmegi ugrunda gymmaty uly, yýasy reformalar üçin ýatladyjy tarapy-da bar we ş.m.

Şeýle bolýan bolsa, nämüçin tankyt ýurdumyzdan kowuldy?

Seretseñizläñ… Islendik wakanyñ, faktyñ ýa-da meseläniñ kemçilikli we ýalñyş ýerlerini görkezen wagtyñyzda haýbat atmalara çenli uzaýan gödek jogaplara, kemsitmelere, masgaralanmalara duçar bolýarsyñyz. Her ýatan daşyñ aşagyndan «duşmançylyk» gözlenensoñ näme bolýandyr öýdýäñiz: añ-düşünje öñbaşçylygyny ýitirýär. Şeýle göýdük syýasat çölleşdirmek bilenem çäklenmeýär, kirledýär. Şeýdibem tankydy akylyñ ganyna galynýar…

Her lider özüne bagly «gapyguly» gözleýär.

AKP-ni tankyt babatda tankyt edip oturmagyñ geregi barmy, onuñ nähilidigini ýigrimi ýyl bäri görüp ýörüs-ä!

Düýp mesele – JHP ýolbaşçylarynyñam totalitarlyga tarap taýma howpy dälmi?

– Kylyçdarogly Ekmeleddin Ihsanoglyny kandidat görkezdi, «bökjekläp, bökjekläp saýlaw sandyklarynyñ başyna gidersiñiz» diýdi. Saýlawyñ birinji tapgyrynda ýeñildi.

– Kylyçdarogly «gel bakaly, Muharrem Inje» diýdi.

Kylyçdarogly öñümizdäki saýlawda öz kandidaturasyny goýmak isleýär. Goýup biler, öz pikiri… «Altyly stolda» konsensus-ylalaşyga gelinermi, görmeli bor…

Meniñ garşy çykýan zadym – Kylyçdaroglynyñ kandidaturasy

boýunça tankydy pikirini aýdýan islendik adamyñ aýyplanmagy. Täzeden saýlanmagy kepillik astyna almak isleýän halk deputatlary, kürsüsini saklap galmak isleýän partiýa ýolbaşçylary, munisipalitet başlyklary ýa-da hakykatdanam Kylyçdaroglynyñ üstün çykjagyna ynanýanlar elleriniñ aýasynda saklanýar, a tankyt edenlere bolsa akyl-paýhasdan, wyždandan uzak «jady awy» gurnalýar!
Adornonyñ mekdebine dökülen talyp ýaşlar ýaly üýtgeşik söz eşdesleri gelenok. Bar bilýän zatlary çensiz öwgi…




* * *
Ankara munisipalitetiniñ başlygy Mansur Ýawaşyñ göwnünde prezidentlige kandidaturasyny goýmak bardy, muña şek-şübhe ýok. Hatda iñ soñky gezek HDP saýlawçylarynyñ özüni goldaýandygy hakdaky jemgyýetçilik seljermesiniñ netijesini-de paýlaşypdy. Emma oña şeýle erbet basyş edildi welin, «kandidatym Kylyçdarogly» diýmäge mejbur edildi!
Şeýle taktika häzir Stambul munisipalitetiniñ başlygy Ekrem Imamogluna-da edilýär! Imamogly dogrusyny edip, «altyly stola» yşarat edýär. Emma onuñ bu hereketi partiýanyñ adminstrasiýasyna ýeterlik bolanok, olar kejeñeklik bilen onuñ agzyndan «Kylyçdarogly» sözüniñ çykmagyny isleýär!
Nähili gynançly syýasy atmosfera bu:
Bir adam partiýanyñ mejlisiniñ şahsy düzümini kesgitlemeli;
Bir adam partiýanyñ merkezi adminstrasiýasynyñ şahsy düzümini kesgitlemeli;
Bir adam halk deputatlarynyñ sanawyny düzmeli;
Bir adam etrap, welaýat başlyklaryny bellemeli;

Bir adam prezidentlige kandidaturasyny goýjak adamyñ kimdigini kesgitlemeli;
(Ah! Hemişe şobir syýasy sahna gaýtalanyp dur-dq: ne Ekmeleddin Ihsanoglynyñ, ne-de Muharrem Injeniñ kandidaturasy hakda gürletmedi, jedelini etdirmedi. Düýnki boluşy şu günem başdan geçirýäris).
Munuñ AKP totalitarlygyndan näme party bar?




* * *
Tankydy syýasat ýeke-täk tipli mejburylyga garşy çykýan antifaşizmdir.
Tankyt etmek – adamyñ erkinleşmegidir.
Tankyt etmek – derñäp, seljerip, ýerbe-ýer edip bilmekdir.
Serediñ… Aýgytly döwürden geçýäris – tankyt ysmaza uçradylsa, tankyda duşmançylyk edilse, demokratik düzgüne geçmek bütinleý gury arzuw bolup galar.
Goý, her kim gürlesin, her kim ýazsyn…
Galyberse-de, tankyt etmek ýazyjynyñ jogapkärçiligidir, borjudyr.

Soner ÝALÇYN.
syalcin@sozcu.com.tr

«SÖZCÜ» gazeti, 25.01.2023 ý. Publisistika